# Türkmenistan figurly typmak boýunça ýaryşda üstünlik gazandy

Daşkentde Global Skating Academy Trophy atly halkara figurly typmak ýaryşy geçirildi. Türkmen türgenleri ýaryşda üstünlikli çykyş edip, iki kümüş we bir bürünç medal gazandylar.

Kümüş medallary Aýnur Berdiýewa we Rahman Hojaýew gazandy, bürünç medaly bolsa Hanna Sahedowa aldy. Türgenler tejribeli tälimçiler Abat Muhammetniýazowa we Ilina Karimowa ýolbaşçylygynda çykyş etdiler.

Global Skating Academy Trophy-de Russiýadan, Gazagystandan, Türkmenistandan, Gruziýadan, Birleşen Arap Emirliklerinden we Özbegistandan 220 türgen gatnaşdy.

Все права защищены